# Maradonanyñ mazaryny açmakçy bolýarlar

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Maradonanyñ mazaryny açmakçy bolýarlar Jaýlananyna ýaňy ýigrimi dört sagat geçipdi…

**MARADONANYÑ MAZARYNY AÇMAKÇY BOLÝARLAR**

Diego Maradonanyñ çagasydygyny aýdýan on dokuz ýaşly **Santiago Lara** legendar futbolçy Diego Armando Maradonanyñ jaýlananyna ýigrimi dört sagat geçenddn soñ aklawjysyna DNK barlagyny geçirmek üçin Maradonany eksgumasiýa etmek boýunça arza bilen ýüz tutmak barada görkezme berdi.
Aklawjy [bŽose Nunez[/b] Santiagonyñ ýaşaýan La Plata şäherindäki maşgala sudlarynyñ birine Maradonanyñ sud-medisina ekpertizasy, DNK barlagynyñ netijeleri we jesedi suduñ morguna äkidilmegi üçin mazardan çykarylmagyny talap edýän hak isleýiş arzasy bilen ýüz tutdy.
Nunez we onuñ işdeşi Žuan Benitez tarapyndan taýýarlanan dört sahypalyk resminamada Dieogo Maradonanyñ «Santiago Laranyñ öz hakyky şahsyýetini anyklap bilmegi üçin» DNK barlaglary geçirilýänçä mazardan çykarylmagyny we goralyp saklanmagyny talap edýädigi aýdyldy.

■ “ÖLÜMÜNIÑ ÖÑÜSYRASY DIEGONYÑ OGLUDYGYMY AÝTDY”

Nuneziñ mazary açma talapnamasyny tassyklamagyndan bir gün geçensoñ teleýaýlymlaryñ birine interwýu beren Santiago «Ejem men heniz üç ýaşymdaka aradan çykdy, emma ol ölüminden birnäçe gün öñ geplemek üçin wentilýatoryny daşaryk çykaranda birnäçe aklawja meniñ Diegonyñ ogludygymy aýdypdy. Men diñe kimdigimi biljek bolýaryn. Bu boýunça ediljek işleriñ çykdajysy meni gyzyklandyranok» diýdi.

■ «ÝEDI ÝYLLAP GATNAŞYK SAKLANDYGY AÝDYLDY»

Santiagonyñ ejesi bilen Maradonyñ birnäçe gezek aýrylyşyp, birnäçe gezegem ýaraşyp ýedi ýyllap gatnaşyk saklandygy aýdylýan Nataliý Garatyñ 2006-njy ýylda ýañy 23 ýaşanda aradan çykandygy mälim boldy. Nataliýanyñ öňki erkek tanşy Marselo Lara Santiagony öz ogly ýaly ulaltdy. Şeýle-de Maradonanyñ Klawdiýa Willafane we onuñ uzak wagtlap gatnaşyk saklan başga bir zenany Werosina Ožeda bilen birlikde aýry-aýry dört aýaldan iki oglunyñ we üç gyzynyñ bardygy aýdyldy.

28.11.2020

Odatv.com Geň-taňsy wakalar